# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

**1-nji madda**

Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler we çykdajylar boýunça boýunça 95 117,7 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler we çykdajylar boýunça 29 147,0 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**2-nji madda**

Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Merkezleşdirilen býujetini girdejiler we çykdajylar boýunça 85 378,7 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler we çykdajylar boýunça 19 408,0 mln. manat möçberde tassyklamaly.

**3-nji madda**

Umumydöwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirmeleriň 2023-nji ýyl üçin kadalyk ölçeglerini şu aşakdaky möçberlerde bellemeli:

| | Goşulan baha üçin salgytdan | Peýdadan alynýan salgytdan | Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytdan |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 2,0% | 1,8% | 2,0% |
| Ahal welaýaty | 97,0% | 96,0% | 97,0% |
| Balkan welaýaty | 8,4% | 8,4% | 8,0% |
| Daşoguz welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Lebap welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |
| Mary welaýaty | 100,0% | 100,0% | 100,0% |

**4-nji madda**

2023-nji ýylda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetinden welaýatlaryň býujetleriniň deňeçerligini üpjün etmek üçin olara 2 654,0 mln. manat möçberde serişdeleri bölüp bermeli, şol sanda:

| | | |
|---|---|---|
| Daşoguz welaýaty | 1 605,6 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 1 026,6 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 21,8 | mln. manat |

**5-nji madda**

Ýerli býujetleri 12 393,0 mln. manat möçberde, şol sanda Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerini aşakdaky möçberlerde tassyklamaly:

| | | |
|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 2 205,6 | mln. manat |
| Ahal welaýaty | 1 548,8 | mln. manat |
| Balkan welaýaty | 1 404,6 | mln. manat |
| Daşoguz welaýaty | 2 265,8 | mln. manat |
| Lebap welaýaty | 2 547,3 | mln. manat |
| Mary welaýaty | 2 420,9 | mln. manat |

**6-njy madda**

Zähmet haky, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralan maddalarydyr diýip bellemeli.

**7-nji madda**

Býujet ýetmezçiliginiň emele gelen ýagdaýynda döwlet nesýe almalaryndan gelen serişdeler we (ýa-da) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary maliýeleşdiriş çeşmeleri bolup durýar diýip bellemeli.

2023-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet býujetine beýleki çeşmelerden gelip gowuşýan goşmaça girdejiler, şeýle hem girdejileriň çykdajylardan artyk gelen pul möçberleri, birinji nobatda döwlet nesýe almalary we bank karzlary boýunça bergini üzmek üçin gönükdirilýär diýip bellemeli.

**8-nji madda**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine Türkmenistanyň kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan, kararlaryndan we buýruklaryndan gelip çykýan zerur bolan takyklamalary Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň görkezijilerine girizmegi, şeýle hem Merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilmeginiň barşynda ähli çykdajy maddalary boýunça tygşytlanan serişdeleri zerur bolan ýagdaýlarda beýleki çykdajy maddalara gönükdirmegi tabşyrmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**